Birlikleriň ölçegleri nirede ölçeg ýerine ýetirilýän bolsa şol ýerde-de täzeden döreýär, ýa-da olar üçin olaryň saklanýan merkezleşdirlen ýerinden maglumatlar berilýär. Şuňa baglylykda maglumatlar merkezleşdirlen we merkezleşdirmegi birleşdirmek böleklerine bölünýär. Merkezleşdirmegi birleşdirlen bölegine mysal edip, 1m2meýdanyň birligini täzeden işlenilmegini getirip bolar. Birlikleriň merkezleşdirlen böleginiň gaýtadan döredilmegi etalon diýlip atlandyrylýan ýöriteleşdirlen tehniki serişdeleriniň kömegi bilen ýerine-ýetirilýär. Etalondiýmek –bu tehniki gurluş bolup iň tertibinde guralan we etalon hiliniň tertibinde guralan we ýörite tassyk edilen aýratyn hünär boýunça ýerine-ýetirlen ölçeg serişdeleriniň razmerleri baradaky maglumaty geçirmek maksady bilen ýa-da birlikleri saklamak we täzeden dikeltmegi üpjün edýän tehniki gurluşdyr.

Birlikleri biziň ýurdumyzda iň ýokary takyklykda gaýtadan dikeldýän etalonlara birinji diýlýar. Birlikleri aýratyn şertlere dikeltmegi üpjün edýän we şu şertlerde birinji etalony çalyşýan etalonlara ýöriteleşdirlen diýlip atlandyrylýar. Biziň ýurdumyz üçin başlangyç hökmünde ýörite tassyk edilen birinji ýa-da ýöriteleşdirlen etalonlar Döwlet etalonlary diýlip atlandyrylýar. Esasy birlikler Halkara sistemasynda ýedi sany : sekund,metr,kilogramm,kelwin,kandela, amperwe mol.

**Aýgül Ýagşymyradowa**
**S.A.Nyýazow adyndaky türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены